
Какам,
Мәһрибан
Какам!

Bu kitap Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň we Türkmenistanyň hökümetiniň, esasan, hem Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty, Bilim, Medeniýet we teleradio-ýaýlymlar ministrlikleriniň ýardam bermeginde taýýarlanyp neşir edildi.

Döredijilik topary:

Ogulgurban Gurtdurdyýewa - Bilim ministrliginiň wekili
Mamajan Orazdurdyýewa - terbiýeçi-usulýetçi
Atamyrat Atabaýew - ýazyjy
Şirin Rejepowa - suratkeş
Timur Saidow - grafik dizaýneri
Ilýa Malenin - grafik dizaýneri
Muhommet Hommaýew - ÝUNISEF-iň işgäri
Barbara Koluski – çaganyň irki ösüşi barada maglumat-bilim beriş ugry boýunça ÝUNISEF-iň halkara konsultanty

Bu kitabyň taýýarlanmagyna gatnaşan çagalara, olaryň maşgalalaryna, çagalar bagynyň terbiýeçilerine öz minnetdarlygymyzy bildirýäris.



Gyzyn gowy görýär kakam,
Gujagynda göterýär.
Pişigime, aýyma
Meň tarypym ýetirýär.

Günde suwa düşürýär,
Kakam işden irenok.
Kakam suwa düşürse,
Göze sabyn girenok.



Näme hakda sorasam,
Oňa näme görkezsem.
Ol ähljie sowalyň,
Tapýar dogry jogabyn.



Sowgat berjek gyzyna,
Dünýäň ähli zadyny.
Haýsy zat iýjek bolsam,
Aýtsam bolýar adyny.



Kakam ähli sanlary,
Sanamaga-da ökde.
Gezmäge baga çyksak,
Gür berýär towşan hakda.



Meniň bilen hernäçe
Oýnasa-da, ýadamaz.
Bir görseň-ä - ol düýe,
Bir görseňem – kakam ol.



Men kakamy söýýärin,
Ol iň güýçli, edermen.
Eger tiz ulalaýsam,
Oňa kömek eder men!





Dürli aýdymlar aýdyp,
Okap berýär erteki.
Agşam ukladyp, täze
Oýun tapýar ertesi!

# Hormatly ene-atalar we terbiýeçiler!

Bu kitapça 0-7 ýaşa çenli çagalara, ene-atalara hem-de Türkmenistandaky çaga howandarlaryna we terbiýeçilere degişli täze materiallaryň bir görnüşi bolup durýar. Kitapdaky berilýän ähli wakalar siziň çagalaryňyzyň ömrüniň ilkinji ýyllaryndan jadyly dünýä aralaşmagyna ýardam eder. Siz şu kitap bilen tanyş bolanyňyzdan soň, çagalaryňyz bilen geçirýän wagtyňyzyň ýönekeý hereketler arkaly hem bolsa, çagaňyzyň sagdyn bolmagyna, durmuşda özüni ynamly alyp barmagyna ýardam berjekdigine göz ýetirersiňiz. Biziň maglumatlarymyz Türkmenistanda çagalaryň aňynyň irki döwürden ösüp başlamagynyň dowamy bolar hem-de çaganyň irki ösüşiniň kadalarynyň üstüni ýetirmeklige ýardam eder. Ol kabul edilen kadalar her bir çaganyň durmuşynda öz başarnyklaryny doly açyp görkezmekleri, olarda gowy endikleriň kemala gelmegi üçin zerur şertleriň biri bolup durýar. Mundan başga-da çaganyň irki ösüş döwründe ene-atalar, howandarlar oýunlar arkaly bilim bermekden, we yhlasly terbiýelemekden başga-da çagalaryň söýgüsini gazanmak zerurdyr.

Biziň taýýarlan işimiz size körpeleri ösdürip-ulaltmakda we terbiýelemekde ýardam berer diýip umyt edýäris.

Çagalaryňyzy söýüň! Ol söýginiň nesilden-nesile geçmegini gazanyň!